# Nirede sen, jenanym?

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Nirede sen, jenanym? NIREDE SEN, JENANYM?

Görküň gözelleriň gözelleriň gözünden gözläp,
Tapmadygym, nirede sen, jenanym?!
Eziz adyň ýürekde has ezizläp
Sakladygym, nirede sen, jenanym?!

Umyt baglap, söýgi diýilýän güýje,
Ahyr bir gün çykar diýip netije,
Obaňyza sary gijeden gije
Gatnadygym, nirede sen, jenanym?!

Näçe diýseler-de: "Agtaran – tapar",
Seni gözläp nirä ýollaýyn çapar?!
Ýaňaklaň apalap, ah, ýeke sapar
Öpmedigim, nirede sen, jenanym?!

Ýada düşýär, gözläň borduň kemimi,
Indi beri tapdyňmykaň deňiňi.
Gitseň-de ýürekden söýgiň çaňyny
Kakmadygym, nirede sen, jenanym?!

Ýa söndümi söýgiň mukaddesligi,
Toba, görkezmesin beýle pesligi.
Gollaryň arasyn bagtyň mesgeni
Çakladygym, nirede sen, jenanym?!

Takdyryma kän ýalbara, ýalbara,
Gözlesem-de siňdiň gitdiň ýyllara.
Döndüň duýgulamda doňan dilbere,
Ak maralym, nirede sen, jenanym?!

**17. 05. 2011 ýyl** Goşgular